# Çilim harammy ýa-da mekruhmy?

Rahman we Rahym bolan Allahyñ ady bilen. Ähli hamdlar Allah tagalaga mahsusdyr. Salawat we salam Pygamberimiz Muhammede, ähli beýtine, sahabalaryna we kyýamat gününe çenli onuñ ýoluna boýun boljaklara bolsun.

Musulmanlaryñ içinde köp soralýan soraglaryñ biri çilimiñ yslamdaky hökümidir. Çilim harammy ýa-da mekruhmy? Dogrusy çilimiñ hökümininiñ haramlygydyr. Çilim Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem zamanasynda bolmanlygy üçin Kuran-Kerimde we Hadyslarda gönimel çilim barada açyklama ýokdur. Ýöne bu barada açyk deliliñ ýoklugy temmäki önümleriniñ we çilimiñ yslamdaky hökümini bilip bolmajaklygyny añlatmaz. Çünki dinimiz yslam kyýamata çenli ähli zamanlary we mekanlary içine alýan asyl ýörelgeleri goýandyr. Şonuñ üçin çilim bolsun ýa-da başga zat bolsun yslamyñ asyl ýörelgeleriniñ saýasynda ölçäp höküm beriler. Yslamda kyýamata çenli dini we dünýewi ähli zadyñ jogaby bardyr. Çilimiñ dini hökümini bilmek üçin üç zat edilmelidir:

1-Çilim ähli tarapdan barlanmaly we sebäp bolýan zyýanlaryny subut etmeli .

2-Çilimiñ berýän zyýanlaryny Kuran, Hadys we yslamyñ getiren ýörelgeleriniñ saýasynda derñemeli.

3- Bu derñewiñ netijesinde çilimiñ dini hökümini çykarmaly.

Birinji işi bilim adamlary we typ hünärmenleri geçirip, barlaglarynyñ netijesinde çilimiñ sebäp bolýan zyýanlaryny we ynsanyñ janyna salýan howplaryny subut edendirler. Ikinji we üçünji işi bolsa yslam alymlary barlandyrlar.

Yslam alymlarynyñ çilimiñ haramdygyny subut edýän delilleriniñ käbirleri:

**Kuran-Kerimden aýatlar.**

**1**-Nisa süresi 29-njy aýatda Allah tagala: **"Öz-özleriñizi öldürmäñ..."** diýýär. Bu aýat barada Ibn Kesir rahimehullah "Allahyñ haram eden zatlaryny we onuñ günä diýen zatlaryny etmek bilen özüñizi öldürmäñ" diýip tefsir edenden soñra, özüni kast edip öldüren ýada başka ýollar bilen öz ölümüne sebäp bolan kişiniñ jähennem azabyna duçar boljakdygyny beýan eden hadyslary belläp geçendir. (Tefsirul-Kuranil-Azim)

Ol hadyslardan käbirleri: **"Kimde-kim zäher içip özüni öldürse, jähennem odunda ebedi ol zäheri içjekdir"** ( Buhari,Tyb. Muslim, Iman)

"**Sizden öñki ymmatlardan bir adamyñ golunda ýara bardy.** (Agyra) **sabyr edip bilmän pyçak bilen ol ýarany kesdi. Gany durmady we öldi. Bu barada Allah tagala: "Bendäm gyssandy. Oña jenneti haram kyldym"** diýdi. (Buhari, Enbiýa. Muslim, Iman)

Hadyslarda hem görşümiz ýaly öz ölümine sebäp bolan kişi kyýamat gününde uly azaba duçar boljaklygy bellidir. Netijesinde jähennem azaby bolan amalyñ yslamda haramlygy mälimdir.

Çilim sebäpli her ýyl dünýäde milýonlarça ynsan ölýändir. Käbir ýurtlarda çilim sebäpli ölýänleriñ ýyllyk sany 100 müñe ýakyndyr. Çilimiñ ölüme sebäp bolýanlygy ylym we tejribe bilen subut edilen hakykatdyr. Bu hakykaty bilip durup çilim çekmek öz janyña kast etmegiñ bir görnüşidir. Bu ölümiñ derrew amal aşmagy şert däldir. Çünki yslamda seni göni öldüren ya-da belli bir wagtdan soñra öldüren zadyñ arasynda höküm tapawudy ýokdur. Nikatinyñ düzüminde belli bir muktar öldüriji zäher bardygy subut edilendir.

**2**-Aýatda Allah tagala: **"Öz elleriñiz bilen özüñüzi howpa atmañ...."** (Bakara,195) diýýär. Musulmanyñ özüni howpa atmasy haramdyr. Çilimiñ saglyga salýan apatlaryny bilip durup çilim çekmek özüñi howpa atmakdyr we Allahyñ gadagan eden zadyny etmekdir.

**3 -** Dinimiz yslam çilim ýaly zäher añyrda dursun, ybadat bilen hem bolsa jan-saglygyñ howpa atylmagyna rugsat bermeýär. Bu hususy beýan edýän käbir aýatlar we hadyslar: **"Sizden biri ramazan aýynda hassa ýa-da ýolagçy bolup, oraza tutup bilmese başga günlerde kaza etsin. Oraza tutmaga güýji ýetmeýänler (garrylar, gutulmak umydy bolmaýan hassalar) bir garyby doýursynlar."** (Bakara,184)

Oraza tutmak parzdyr. Emma oraza tutan wagtynda hassalyklary beterleşip ýa-da uzaga çekjek bolsa, oraza tutman kaza etmeleri gerekdir. Eger oraza tutanlarynda saglygyna howp salýan bolsa, oraza tutmalary jaiz däldir. Muña delil hökümünde şu hadysy ýatlap bileris: **"Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem fetih ýylynyñ Ramazan aýynda Mekgä ýola çykýar we Kuräul-Gamim diýilýän ýere gelýänçä oraza tutýar. Sahabalar hem onuñ bilen oraza tutýarlar. Soñra sahabalardan biri: "Oraza tutmak adamlara kyn bolup başlady. Şonuñ üçin olar seniñ näme**

**etjegiñe garaşýarlar" diýýär. Bu gürrüñden soñra, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem bir bulgur suw getirmeklerini buýurýar. Bulgury hemme kişi görer ýaly galdyryp soñra suwy içip orazasyny bozýar. Bir salym soñra Pygambermiz sallallahu aleýhi we selleme: "Käbir kişiler oraza tutmagy dowam edýär" diýilýär. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem bolsa: "Olar boýun gaçyranlar, olar boýun gaçyranlar" diýýär.** (Muslim, Syýam)

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem ýolda adamlara oraza tutmak agyr düşüp başlanlygy bileninden soñra, olaryñ saglyklaryna zyýan gelmezligi üçin orazalaryny açmaga rugsat berýär.

Bu meselä degişli başga bir hadysy Amr bin el-As radiallahu anh rowaýat edýär:

"Zätus-Seläsil gazawatynda sowuk bir gijede gusul boldum. Gusul täretini alsam hassalanyp öljegimden gorkup teýim etdim. (Gusul almadan jemagata ymam bolup) erte namazyny kyldyrdym. (Medinä gelenimizde) bolan wakany Pygamberimiz sallallahu aleýhi we selleme gürrüñ berdim. Pygamberimiz maña: "Eý Amr! Sen egindeşleriñe (gusulsyz wagtyñ) namaz kyldyrdyñmy?" diýip sorady. Men bolsa gusul almazlygymyñ sebäbiniñ güýçli sowuk bolandygyny aýdyp: "Men Allah tagalanyñ: **"Öz-özleriñizi öldürmäñ, Şüphesiz ki Allah size garşy merhemetlidir."** (Nisa,29) diýenini eşitdim" diýdim. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem güldi we hiç zat diýmedi." (Ebu Dawud, Taharet. Ahmed bin Hanbel, el-Musned)

Görşümiz ýaly jan-saglyk howp astynda galanda suwyñ bar bolmagyna garamazdan teýim edip namaz kylmaga rugsat berilýär. Aýat we hadyslardan çykan netijelerden düşünişimiz ýaly eger jan-saglyga zyýan geljek bolsa, parz amal hem terk ediler.

Ynsanyñ jan-saglygy üçin parz, nefil ybadaty terk etmäge rugsat berýän dinimiz, adam saglygy üçin öte zyýanly bolan hatda ölüme sebäp bolan çilim barada näme diýer?

Çilim çekýän adam diñe özüne dälde eýsem daşky gurşawa, maşgalasyna hatda entäk dünýä inmedik nesillerine zyýan berýändir. Munçalyk zyýany, zäheri belli bolup duran çilime dinimiziñ mekruh diýmegi mümkin däldir.

**4-**Robbimiz bize halal we haramlar barada esasy ýörelgäni şeýle beýan edýär: **"(Eý Pygamber) senden özlerine nämäniñ halal edilendigini soraýarlar. Aýt: Ähli 'Taýýib'-päkize zatlar size halal kylyndy."**(Maide,4)

"**Ol Pygamber, olara ýagşylygy buýrar, olary ýamanlykdan gaýtarar. Olara 'Taýýib'-päk zatlary halal, 'Habis'-näpäk zatlary bolsa haram kylar..."**(Araf,157)

Iýmek-içmekleriñ halal we haram bolmagy, olaryñ "taýýib" we "habis" bolmagyna baglydyr. "Taýýib" päk, zyýansyz, erbet zada sebäp bolmaýan we pis, nejis bolmaýan ähli zatlardyr. "Habis" bolsa zyýanly, ýaman netijä sebäp bolýan we pis, nejis bolan ähli zatdyr.

Ibn Teýmiýýe rahimahullah bu barada şeýle diýýär: "Peýdaly bolan ähli zat "taýýibdir", zyýanly bolan ähli zat bolsa "habisdir". Ikisiniñ arasyndaky baglanşyk akly bolan her kişä bellidir...... Çünki bir zadyñ haram edilmegi, ol zadyñ zyýanynyñ bardygyna ýada ýokdugyna baglydyr." (Mejmuul-Fetawa,21/40, Darul-Wefa, 2005)

Netijede taýýib: tämiz, arassa we peýdaly, habis bolsa pis we zyýanly diýmekdir. Taýýib zatlar halaldyr, habis zatlar bolsa haramdyr.

Düzümi birnäçe zyýanly maddadan ybarat bolan çilimiñ taýýibmi ýada habisdygy bellidir.

**5-** Dinimiz diñe büs-bütin zyýan bolan zatlary dälde, eýsem zyýany peýdasyndan köp bolan zatlary hem haram edendir. Mysal üçin alkagolly içgiler. Robbimiz içgi barada:

"**Senden içgi we humar hakynda sorarlar. Aýt: "Her ikisinde-de uly günä we ynsanlar üçin az bir peýda bardyr. Emma her ikisiniñ hem günäsi peýdasyndan has uludyr...."** (Bakara,219)

Içgide ynsanlar üçin biraz peýda bolup biler, hatda alkagoluñ typ-da ulanylýandygy bellidir. Emma alkogoluñ dünýälik az bir peýdasyna garamazdan dinimiz içgini haram edendir.

Alymlar ýokardaky aýatdan: "Zyýany peýdasyndan köp bolan ähli zat haramdyr" diýen kaidany (ýörelgäni) çykarandyrlar. Yslam dini doly peýdaly bolan ýa-da peýdasy zyýandan köp bolan zatlary halal kylar. Büs-bütin zyýan bolan ýada zyýany peýdasynda köp bolan zatlary hem haram kylar.

Çilimiñ psihiki we ykdysady peýdalarynyñ bardygy öñe sürülip biliner. Çilimiñ psihiki taýdan peýdasy düýbünden ýalandyr. Çünki çilimkeşiñ çilim çekenden soñra duýýan rahatlygy we keýpi, aslynda nikotina garaşlylygyñ netijesinde

ynsan bedeninde emele gelen stres we dartgynlygyñ, çilim çekilenden soñra ýok bolmasyndan ybaratdyr. Eger bu peýda bolýan bolsa, onda neşekeşler we başgada neşe serişdelerini ulanýanlar çilimkeşiñ duýýan keýpinden has uly keýip duýýarlar! Ykdysady peýda bolsa, çilim çekenler üçin dälde çilim satýanlar üçindir. Şonuñ üçin ykdysady peýda-dan dälde, ykdysady zyýandan gürrüñ edilse has dogry bolar! Galybersede bu ykdysady peýda alkagol önümlerinde-de bardyr emma içgi haramdyr. Netijede çilimiñ we temmäki önümleriniñ peýdasynyñ bardygyny kabul etsekde, zyýanynyñ peýdasyndan köpdigi şübhesizdir.

**6-** Allah tagala mal-mülki boş ýere harjap, israf edýänler hakynda: **"Israf etmäñ çünki Allah tagala israf edenleri söýmez."** (Enam,141)

"**Eý Adamogullary! ...iýiñ, içiñ emma israf etmäñ. Çünki Allah tagala israf edenleri söýmez.**" (Araf,31)

"**(Rahmanyñ gullary) harjanlarynda ne israf nede gysgançlyk ederler, ikisiniñ arasynda orta ýoly tutarlar.**" (Furkan,67)

"**Malyñy gereksiz ýere saçyp sowurma! Çünki malyny saçyp-sowuranlar şeýtanyñ gardaşlarydyr. Şeýtan bolsa Robbine garşy kapyr bolandyr.**" (Isra,26-27)

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem israf hakynda: **"Allah tagala üç zady etmegiñizden razy we hoşal bolar we üç zady etmegiñize-de gazaplanar. Oña ybadat edip hiç bir zat araçy, şärik goşmazlygyñyza, hemmäñiz bir bolup (Yslama, Kurana) ýapyşmagyñyza we başyñyza gelen hökümdarlara nesihat etmegiñize razy we hoşal bolar. Gyýbat etmegiñize, mal-mülki zaýa we israf etmegiñize we (gereksiz) köp sorag soramagyñyza gazaplanar."** (Muslim, Akdiýe. Muwatta, Kelam. Müsned)

Görşümiz ýaly Allah tagalanyñ ynsanlara dünýä we ahyrýet işlerinde ullanyp peýdalansyn diýip beren malyny boş ýere harjap, israf etmek düýbünden gadagan bolup Allah tagalany gazaplandyran amaldyr. Çeken kişä, daşky gurşawa, nesile zyýany belli bolup duran çilime pul harjamak şeksiz haramdyr. Bu iş Allah tagalany gazaplandyran amaldyr.

**Hadyslar:**

**1**-Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem hadysynda: **"Zyýan bermek we zyýana zyýan bilen jogap bermek ýokdur"**diýýär. (Ibn Mäje, Ahkam. Muwatta, Akdiýe. Müsned)

Yslamyñ asyl ýörelgeleriniñ biri bolup duran bu hadys, zyýana ýol açmagy hem-de zyýana zyýan bilen jogap bermegi gadagan edýär. Hatda "Zyýanyñ ýok edilmegi, peýdany gazanmakdan öñde geler." Bu nukdaý nazardan seredenimizde çilimkeşiñ maşgalasyna, daş töwerekdäkilere berýän zyýany ylym we tejribe bilen subut edilendir.

Pygamebrimiz sallallahu aleýhi we sellem hatda sogan we sarymsak ýaly zatlar bilen bolsada ynsanlara ezýet bermekden gaýtarandyr. Hadysda: **"Kim sarymsak we sogan iýse bize golaýlaşmasyn."** (Buhari, Syfatus-salat)

"**Kim sogan we sarymsak ýada pyrasa** (sogana meñzeş ösümlik) **iýse mesjidimize golaýlaşmasyn. Çünki ynsanoglunyñ ezýet çekýän zadyndan, perişdelerde ezýet çeker**" diýendir. (Muslim, Mesäjid)

Sarymsak we sogan halaldyr, olaryñ ne düzüminde ne-de ysynda ynsanlara zyýan bardyr. Emma oña garamazdan Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem diñe ýakymsyz yslary sebäpli, olary iýen ynsanlary beýleki adamlara zyýan bermekden gaýtarandyr. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem ynsanlara ezýetden öte zyýan berip duran, zäher ýaýradýan çilim barada näme diýerdi?

**2**-Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýýär: **"Halal belli, haram-da bellidir. Bu ikisiniñ arasynda şübheli zatlar bardyr, ynsanlaryñ köpüsi olaryñ** (hökümini) **bilýän däldir. Her kim bu şübheli zatlardan goransa dinini we ygtybaryny gorar. Kim-de bu şübhelere düşse harama düşdügi bolar."** (Buhari, Iman. Muslim, Musaka )

Hadys-da aýdylyşy ýaly haramda - halalda bellidir. Emma bu iksiniñ arasynda ynsanlaryñ köpüsüniñ hökümini bilmedigi şübheli zatlar bardyr. Bu şübheli zatlaryñ hökümini diñe alymlar bilýändirler. Akly sagdyn hiç kim çilimiñ halaldygyny aýdyp bilmez. Eger çilim harammy ýada dälmi gürrüñi bir gyrada goýsak, çilim üçin beriljek iñ pes höküm ol hem çilimiñ şübheli bolmagydyr. Çilimi şübheli diýip kabul etsek, hadysa görä iki netije çykýar:

**1-**"Her kim çilimden uzak dursa dinini we ygtybaryny gorar. Kim-de çilime mübtela bolsa, harama düşdügi bolar."

**2-** Hadysda ynsanlaryñ köpüsi ol şübheli zatlaryñ hökmüni bilmesede, olaryñ höküümni alymlaryñ bilýändigine yşarat bardyr. Çünki hadysda "ynsanlaryñ köpüsi olaryñ (hökümini) bilýän däldir" diýmegi, diñe az sanly ynsanlaryñ ol şübheli

zatlaryñ hökümüni bilýändigini añladar. Ol az sanly ynsanlar bolsa alymlardyr. (Ibn Hajer, Fethul-Bari. En-Newewi Şerhul Muslim)

Eger biri çykyp: “Hadysda haramlar belli diýilmek bilen, çilim haramlaryñ içinden çykarylandyr, çünki Kuran we Sünnetde haram diýlen zatlaryñ arasynda çilim ýokdur” diýse. Bu pikir hadysa dogry düşünilmeýänligiñ, dini bilmeýänligiñ we dar düşünjäñ netijesidir. Eger ýokarda agzalan pikir bilen hereket etsek, onda neşe serişdeleriniñ hem haram däldigini aýtmaly bolarys. Çünki Kuran we hadyslarda agzalan haramlaryñ arasynda günümizde bar bolan narkotikleriñ ady ýokdur.

Hadysdan çykarylan dogry many şudur: Yslam dini kyýamada çenli peýda boljak zatlaryñ halal ýada haramdygyny bilmek üçin gerek bolan ähli şertleri, usullary we düşündirişleri goýup, şübheleri ýok edendir. Haram-halalyñ arasyndaky käbir zatlar bolsa, adaty ynsanlara şübheli görünýändir. Aslynda bolsa ol şübheli zatlaryñ anyk hökümini alymlar bilip, düşündirýändirler. Şonuñ üçin hem alymlar Kuran we hadyslaryñ saýasynda çilimiñ hökümini barlap, haram diýip hüküm berendirler.

**3**-Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem bir hadysynda musulman kişini şeýle taryp edýär: **“Musulman elinden we dilinden beýleki musulmanlaryñ salamatda bolan /zyýan görmeýän kişisidir.”** (Buhari, Iman. Muslim, Iman)

Çilim çeken ynsan maşgalasyna we töweregine zyýan berdigine görä, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemiñ taryp eden musulmanyna näderejede gabat gelýär? Çilim bilen musulmanlygy birleşdirmek mümkinmi?

**4-**Dinimiz yslam başga ynsanlara zyýan bermezligi emr edýär we muny göýä sadaka bermek ýaly sogap hasaplaýar. Çünki Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem muny açyk beýan edýär: **“Her musulmanyñ sadaka bermegi gereklidir” diýdi. Sahabalar: Eger bermäge zady bolmasa näme? diýip soradylar. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem: “Işläp gazanar hem özüne peýda bolar hem-de sadaka berer” diýdi. Sahabalar: Eger işlemese näme? diýdiler. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem: “Dara düşen, mätäç birine kömek eder” diýdi. Eger munuda başarmasa? diýdiler. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem: “ Ýagşylygy buýrar” diýdi. Munuda başarmasa? diýdiler. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem: “Ýamanlyk etmekden** (zyýan bermekden) **uzak durar. Çünki bu-da bir sadakadyr.”** (Muslim, Zekat. Buhari, Zekat)

Ynsanlara zyýan bermezlige, ýamanlyk etmezlige munçalyk ähmiýet berip, muny göýä sadaka ýaly gymmatly hasaplaýan dinimiz, zäherli tüssesi we ýakymsyz ysy bilen ynsanlara zyýan berýän çilime näme diýer?

**5-**Çilimkeşiñ başga ynsanlara, daşky gurşawa, agaçlara we başga janly zatlara berýän zyýanyny belläp geçipdik. Bu mowzuga degişli şu hadysy dykkatly edip okalyñ: Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemiñ ýanyndan bir ölüni alyp geçdiler. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem: “**Bu ýa özü halas bolandyr ýa-da mundan halas bolandyrlar” diýdi. Ýanyndakylar: Eý Allahyñ Resuly: “Özü halas bolandyr ýa-da mundan halas bolandyrlar” diýmek näme diýip soradylar. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem: “Mü'min bende** (wepat) **eden-de dünýä kynçylyklaryndan halas bolup rahata gowuşar. Fäjir** (günäkär) **bende bolsa,** (ölende onuñ şerinden) **başga ynsanlar, şäherler, agaçlar we haýwanlar halas bolup rahata gowuşarlar.”** diýdi. (Buhari, Rikak. Muslim, Jenäiz)

Hadysyñ manysy açykdyr. Çilimkeşiñ ýokarda agzalan haýsy kysma girýändigi bellidir.

**6-**Çilimkeşleriñ töweregi rahatsyz edip, berýän zyýanlary hemmä mälimdir. Emma başga bir tarapdan seredenimizde çilim arrassaçylyk bilen hem baglydyr. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem arassaçylyk barada: **“Arassaçylyk imanyñ ýarysydyr”** diýýär. ( Muslim, Taharet)

Başga hadysynda: **“Iman altmyşdan gowrak bölekdir. Iñ beýigi Lä ilähe illallah sözi, iñ pes bölegi bolsa, ýoldan zyýan berýän zatlary aýyrmakdyr.”** (Buhari, Iman. Muslim, Iman)

Başga hadys-da: **“Öýleriñiziñ töweregini arassa tutyñ. Jöhitlere** (yewreýlere) **meñzemäñ”** diýýär. (Tirmizi, Edep)

Şol sebäpli hem musulmanyñ borjy daş töweregi hapalaman, zyýan bermän arassa tutmakdyr. Çünki Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem arassaçylygy imandan hasaplandyr. Arassaçylyga üns bermeýän, töweregi hapalap ynsanlara zyýan berýän çilimkeşiñ imanynda kemlik bar diýmekdir. Görşümiz ýaly çilimde bir däl-de birnäçe haram iş jemlenendir.

**Suudi Arabystan fetwa diwany.**

Suudi Arabystanly alymlaryñ fetwa diwanyndan çilim barada berilen 16484-sanly fetwasy şeýledir.

**Sorag:** Çilim barada yslamyñ hökümi näme?

**Jogap:** Çilim çekmek haramdyr. Çünki çilim hapadyr. Çilim zyýanlydyr. Çünki çilime pul bermek, malyňy peýdasyz zada harjap, zaýa etmekdir. Bularyň biriniň çilimde tapylmasy haram bolmasy üçin ýeterli bolup durka, hemmesiniň bar bolmagy nähili bolar? Şonuň üçin çilim şübhesiz haramdyr.

(Fetawa el-Lejnetid-Daime, fetwa:16848,22/214)

(Diwanyň agzalary: Abdulaziz bin Abdullah bin Baz, Bekr Ebu Zeýd, Abdulaziz Alu'ş-Şeýh, Salih el-Fewzan, Abdullah bin Gadýan)

**Müsürli alymlar hem fetwa diwanlaryndan 5 sentýabr 1999-njy ýylda yglan eden fetwalarynda, çilime haram diýip höküm berendirler.**

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem hadysynda: **"Mü'min** (musulman) **bir günä iş edende kalbynda bir gara nokat emele geler. Toba edip günäsini terk etse we Allahdan bagyşlanma dilese kalby päklener** (arassalanar)**. Eger günä** (iş etmegi) **artdyrsa** (kalpdaky gara nokatlar) **köpeler. Soňra** (bu gara nokatlar) **kalby gaplar. Ine bu Allahyň** (Kuran-Kerimde)**:"..olaryň kalplaryny öz kesp eden günäleri gaplap alandyr"** (Mutaffifin,83/14) **diýenidir"** diýýär. (Tirmizi, Tefsirul-Kuran. Ibn Mäje, Zühd. Müsned)

Sahabadan Ibn Mesud radiallahu anh şeýle diýýär: "Mü'min öz günälerini göýä üstüne gaşjak bolup duran dag ýaly görer. Fasyk bolsa, öz günäsini burnunyň üstüne gonanda eli bilen kowan siňegi ýaly görer." (Buhari, Deawat. Tirmizi, Syfatul-kyýame)